# «Hiç bir zatda ýarpylyga boýun däl…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Hiç bir zatda ýarpylyga boýun däl…" «HIÇ BIR ZATDA ÝARPYLYGA BOÝUN DÄL…»

Hiç bir zatda ýarpylyga boýun däl, –
Ýer bolsun, gök bolsun tutuşja beriň!
Deňizler, derýalar, daglaryň sili,
Meňkidir.
Hiç paýa durup bilmedim.

Kalby ýaman bolmaz üleş-paý bilen, –
Diňe tutuş!
Ine şeýle meň jynsym.
Men bagtam ýarpylap duýmak islemen,
Betbagtlygam iýnse, tutuşja insin.

Diňe birje zadyň hiç bir halatda –
Teserin, gorkaryn –
islemän baryn:
Al ýaňagňy goýup ýatan ýassygyň
Diňe şonuň,
Şonuň dilärin ýaryn!

Ýewgeniý ÝEWTUŞENKO.

Terjime eden Annaberdi AGABAÝEW.

«Ýaş kommunist» gazeti, 07.06.1966 ý. Goşgular